# TÜRKMENISTANYÑ
# "A G Z Y B I R L I K"
# DEMOKRATIK
# H A L K  H E R E K E T I

Programma we Düzgünnama

AŞGABAT

1991

# HORMATLY ILDEŞ!

Ahyry Ýalanyñ, Galplygyñ öýüniñ ýykylanyny gördük. Kommunizmiñ, sosializmiñ ady bilen halklary aldamak we olary gulçulykda saklamak zamany 1991-nji ýylyñ awgustynda gutardy. Dünýä siwilizasiýasynyñ oñaýly tejribesini saýlan halklaryñ, ýurtlaryñ öñünde mundan beýläk geljege tarap giñ ýol açyldy.

Şeýle bagt asyrlaryñ dowamynda tükeniksiz horluklary we kynçylyklary başdan geçiren jepakeş türkmen halkyna-da miýesser etdi. Emma, gynansak-da, häzirki döwürde biziñ halkymyzyñ başyndan bu taryhy mümkinçiligi elden gidermek howpy abandy. Sebäbi totalitar kommunistik rejim türkmen halkynyñ we türkmenistanlylaryñ başyndan entek sowlanok. SSKP-niñ çöregini iýip, häkimlige eeten gatlak garaw görmese, hökmürowanlygyny elden bererli däl. Halk köpçüliginiñ gaflat ukusynda ýatanlygyndan zandyýamançylykly peýdalanyp, partiýa býurokratlary sowetlerdäki ýerine ýetiriji orunlary tutuş eýelediler.

Demokratik ösüş ýoluna geçmek görnetin bökdelip, türkmenler dünýä jemgyýetçiliginiñ öñünde Magtymgulynyñ iki ýarym asyr ozal howp eden gününe düşüp, ile dil bolup galdylar. Jemgyýetçiligiñ dolandyrylyşyndan köpçüligi, sagdyn pikirleri çetleşdirmek ýaly kolonial, antigumanistik syýasat şu günem dowam etdirilýär. 73 ýyllap millionlarça adamlaryñ ömrüni ýele sowrup, zorluk bilen amal ediljek bolnan jenaýatçylykly eksperimentiñ düýbüne akyl ýetirmeginden halkyñ bilgeşleýin ünsi sowulýar.

Ruhy galkynyşy basyp ýatyrmak, milli mertebe, demokratiýa diýip, orta çykan ogul-gyzlara kast etmek, olary zyndanlara taşlamak, şeýdibem halky mundan beýläk-de gorky astynda saklamak ötülmejek günädir.

Türkmenistanyñ dikme ýolbaşçylarynyñ iş ýüzünde ene dilimizi döwlet dolandyrylyşyndan belli-külli çetleşdirýän kemsidiji "iki dillilik" syýasatyna garşy halkyñ düýpli närazylygyndan dörän "Agzybirlik" Halk Hereketi

Türkmenistanyñ pikirdeş ogul-gyzlaryny öz hatarlarynda birleşdirýän demokratik guramadyr. Türkmen halkynyñ erk-isleginden dörän bu gurama turuwbaşdan iñ düýpli meseleleri gozgap, Soýuz we ýerli partiýa-administratiw güýçleriniñ gahar-gazabyna duçar boldy.

"Agzybirligiñ" ilkibaşdan öñe süren talaplary: Türkmenistanda türkmen diline döwlet statusyny bermek, Türkmenistanyñ döwlet özbaşdaklygyny gazanmak, Türkmenistanda demokratik döwlet gurluşyny berkarar etmek, şeýle-de Gökdepe galasynda ata Watanyñ erkinligini gorap wepat bolanlaryñ hatyrasyna her ýylyñ 12-nji ýanwaryny (täze sene boýunça 25-nji ýanwarü) Ýas güni diýip yglan etmek.

Eýsem bular şol wagtky baha berlişi ýaly ekstremistik pygyllarmydy? Elbetde, ýok. Häzir bu meseleler prezidentiñ permany bilen ykrar edildi. Ýöne olaryñ düýp mazmuny ideologik dogmalara laýyk getirilip, ýoýuldy. Üssesine-de, häzirki wagtda döwlet derejesinde kabul edilen ýörelgeleriñ inisiatorlary şindizem aklananok, işinden boşadylanlar öñki wezipelerinde dikeldilenok, sud jogapkärçiligine çekilenler resmi taýdan aklananok, metbugatda: "milletçi", "bozgak" diýlip, üstüne töhmet atylanlardan ötünç soralanok

1991-nji ýylyñ 22-nji noýabrynda Türkmenistanyñ taryhynda ilkinji gezek köppartiýalylyga formal taýdan ýol açyldy. Biz muny respublikanyñ ýolbaşçylarynyñ demokratik gurluşa halkyñ islegine, adalata tarap äden ilkinji ädimi diýip hasaplaýarys.

Ýagşylyga ýagşylyk bilen jogap bermek türkmençilikde kanundyr. ”Agzybirlik” Halk Hereketi hoşniýetli gatnaşyklarda ýagşylyk bilen iliñ-günüñ, topragyñ bähbidini goranlary goldamagy özüniñ borjy hasaplaýar. Şu maksadyñ amala aşmagy üçin Türkmenistandaky demokratik güýçleri, syýasy partiýalary, jemgyýetçilik guramalary, ýagşy niýetli uly-kiçi hemmeleri jebisleşige çagyrýarys!

## "AGZYBIRLIK" DEMOKRATIK HALK HEREKETINIÑ PROGRAMMASY

Türkmenistanyñ "Agzybirlik" Demokratik Halk Hereketi türkmen halkynyñ erk-isleginden dörän syýasy guramadyr. "Agzybirlik" Türkmenistanyñ parlamentinde ähli türkmen tire-taýpalarynyñ syýasy, ykdysady, sosial we medeni hukuklaryny bütewilikde beýan etmek maksady bilen döredilýär. "Agzybirlik" ählitürkmen Halk Hereketi hökmünde çykyş edýär.

Türkmenistanyñ "Agzybirlik" Demokratik Halk Hereketiniñ gapysy türkmen halkynyñ umumymilli bähbitlerini we garaşsyz Türkmenistan döwletiniñ bähbitlerini goramak maksady bilen syýasy işler alyp barmagy maksat edinýän dürli milletleriñ wekilleri üçin hemişe açykdyr. "Agzybirlik" geljekdäki saýlawlarda Türkmenistanyñ parlamentinde orunlaryñ köplügini almak we öz deputatlarynyñ üsti bilen döwlet häkimiýetini dolandyrmaga gatnaşmak maksady bilen döredilýär.

# 1. SYÝASY WEZIPELER

1. Türkmenistanda syýasy reformalar geçirmek. Jemgyýetçilik durmuşyny demokratizasiýalaşdyrmak. Köppartiýalylygy iş ýüzünde durmuşa ornaşdyrmak.

2. Metbugatyñ we beýleki informasiýa serişdeleriniñ senzuradan, ýagny döwlet gözegçiliginden doly azatlygyny gazanmak. Söz, mitingler we köçe ýörişleriniñ azatlygy.

3. Döwlet häkimiýetiniñ biri-birinden garaşsyz üç şaha, ýagny: Kanun çykaryjy, Ýerine ýetiriji we Sud häkimiýetlerine bölünmegi. Ýokary suduñ döwlet häkimiýetinden düýpden garaşsyzlygy we onuñ Türkmenistanyñ parlamenti tarapyndan ömürlik möhlet bilen saýlanmagy.

4. Türkmenistanda 1991-nji ýylyñ 26-njy oktýabrynda milli garaşsyzlygyñ yglan edilmegine getiren Ählihalk geñeşiniñ (Referendumynyñ) syýasy netijeleriniñ durmuşa ornaşdyrylmagyny tizleşdirmek. Garaşsyzlyk syýasatyny ähli çäreler bilen berkitmek. Türkmenistanyñ özygtyýarly döwlet hökmünde abraýly halkara syýasy guramalara we bileleşiklere girmegi üçin haýal etmän herekete başlamak. Türkmenistanyñ öz goşunyny döretmek. Ýaraglaryny we harby enjamlaryny respublikada galdyrmak şerti bilen öñki Soýuzyñ goşunyny Türkmenistanyñ çäginden çykarmak.

5. Dünýäniñ ähli demokratik döwletleri tarapyndan bireýýäm jar edilen "Adam Hukuklarynyñ Ählumumy Deklarasiýasynyñ" garaşsyz Türkmenistanda günübirin jar edilmegi we onuñ talaplarynyñ respublikanyñ gündelik durmuşynda gyşarnyksyz berjaý edilmegi. Halkara hukuk gatnaşyklaryny kadalaşdyrýan ähli beýleki köpçülikleýin ykrar edilen halkara Dokumentlere Türkmenistan döwletiniñ gol çekmegini tizleşdirmek we Türkmenistanyñ içerki we daşarky syýasatynda şolardan gelip çykýan kada-kanunlara daýanylmagyny adata öwürmek.

6. Garaşsyz Türkmenistanyñ hakyky demokratik saýlaw sistemasyna geçmegini üpjün etjek täze "Saýlawlar hakyndaky kanunynyñ" iñ bir ýakyn wagtlarda parlamentde kabul edilmegini gazanmak.

7. Kabul edilen täze saýlaw Kanunyna görä, Türkmenistanyñ parlamentine täze ählihalk saýlawlaryny geçirmek.

8. Türkmenistanyñ Täze Konstitusiýasyny /Baş Kanunyny/ diñe Garaşsyzylyk yglan edilenden soñraky saýlawlarda deputatlyga göterilen adamlaryñ işläp düzmegini we kabul etmegini gazanmak.
9. Türkmenistan döwletinde şahsyetiñ hukuklarynyñ döwletiñ bähbitlerinden ileri tutulmagyny kanunçylyk arkaly girizmek.
10. Daşary ýurtlaryñ hemmesi bilen deñhukukly gatnaşyklary ýola goýmak.

## 2. YKDYSADY WEZIPELER

1. Türkmenistan döwletiniñ yglan edilen milli garaşsyzlygyny ykdysady garaşsyzlyk bilen iş ýüzünde berkitmek. Türkmenistanyñ parlamentinde geljekdäki saýlawlarda respublikanyñ milli bähbitlerini göwnejaý gorap biljek, syýasy we ykdysady ugurdan ýokary hünärli adamlaryñ parlamente saýlanmagyny gazanmak.

2. "Agzybirlik" Halk Hereketiniñ ýolbaşçylygynda ykdysadyýet ugrundan ýokary hünärli spesialistleriñ gatnaşmagynda Türkmenistany çuññur ykdysady krizisden alyp çykjak paýhasly ykdysady programmanyñ işläp düzülmegini taýýarlamak.

3. Türkmenistanyñ ýerasty we ýerüsti baýlyklarynyñ, Türkmenistan döwletinde öndürilýän ähli harytlyk önümleriñ diñe halkara bazar nyrhlarynyñ göteren ýerinden satylmagyny gazanmak we muny hemişelik ýola goýmak.

4. Ýerasty we ýerüsti baýlyklarymyzyñ gazylyp alnyşyny ylmy esasda çäklendirmek. Milli baýlyklarymyzy, şol sanda topragymyzyñ hümmetini indiki nesillerimiz üçin aýamak.

5. Türkmenistanyñ halk hojalygyny kolonial syýasatyñ salan dagynyk ýagdaýyndan alyp çykmak üçin daşary ýurt maýa goýumlaryndan oýlanyşykly we batyrgaý peýdalanmak. Daşary ýurt inwestisiýalaryna giñ ýol açmak.

6. Türkmenistanda demokratik ýer-suw reformasyny geçirmek. Kolhozçylara we sowhozlaryñ işçilerine öz isleglerinden ugur alyp, ýer-suw paýyny almaga kömek etmek we bu baradaky kanunçylygyñ perlamentde iñ bir ýakyn wagtda tassyklanmagyny üpjün etmek. Ôermer hojalygyny döretmäge girişen daýhanlara we obadan mülk ýerini edinen şäherlilere döwlet tarapyndan karz pul serişdeleriniñ goýberilmegini gazanmak. Azyklyk ekinlerini we maldarçylyk önümlerini öndürmek maksady bilen mülk ýerlerini alýan hojalyklaryñ ilkinji iki ýylyñ dowamynda döwlet salgydyndan boşadylmagy. Ýaş fermer hojalyklaryna tehniki enjamlaryñ kredite goýberilmegi.

7. Türkmenistanda eýeçiligiñ ähli formalarynyñ kanuny hukuklarynyñ tizden-tiz deñleşdirilmegi. Hususy eýeçiligiñ eldegrilmesizliginiñ ykrar edilmegi. Hususy işewürlige giñ ýol açylmagy.

8. Zawodlaryñ, fabrikleriñ we beýleki senagat kärhanalaryñ üstünden döwletiñ monopoliýalaýyn eýeçiliginiñ ýatyrylmagy we bu sferada hususy inisiatiwa, hususy eýeçilige giñ ýol açylmagy.

9. Türkmenistanyñ territoriýasynda Günbataryñ we Gündogaryñ senagat taýdan ösen ýurtlary bilen bilelikdäki senagat kärhanalarynyñ we fabrikleriñ, aýratynam işläp bejeriji senagatyñ obýektleriniñ gurluşygynyñ döwlet tarapyndan hemmetaraplaýyn goldanylmagyny gazanmak. Türkmenistanyñ çäklerinde öndürilýän we gazylyp alynýan çig mallardan ahyrky önüm çykarmak üçin bina edilýän ähli senagat kärhanalaryna mümkin bolan ähli ýeñillikleri bermek.

10. Gumanitar, dermanlyk we türkmen halkynyñ saglygyny dikeltmek üçin, şeýle hem çaga iýmitlerini öndürmek maksady bilen gurulýan ähli senagat kärhanalaryny döwlet salgytlaryndan hemişelik azat etmek.

11. Daşary ýurtly ildeşlerimiziñ Türkmenistanda öz kärhanalaryny we dükanlaryny açmagyny höweslendirmek.

12. Türkmenistanyñ daşary ýurtlar bilen deñhukukly we iki tarap üçin hem düşewüntli söwda gatnaşyklaryna giñ ýol açmak. Türkmenistanyñ üstünden geçýän gadymy kerwen ýollaryna gaýtadan jan girizmek we hut şu arkaly hem Türkmenistanda gysga möhletiñ içinde haryt bolçulygynyñ döredilmegine oñaýly itergi bermek.

13. Zerurlyk dörän ýagdaýynda çalt geçmegini üpjün etmek maksady bilen Türkmenistanyñ öz milli walýutasyny taýynlamaga girişmek.

14. Türkmenistanyñ grajdanlarynyñ öz döwletiniñ milli girdejisinden ýetýän paýlaryny almagy hakyndaky meseläni parlamentiñ geñeşine goýmak.

15. Türkmenistanyñ ykdysadyýetini dünýäniñ ykdysady hojalygyna integrirlemek.

## 3. MEDENI WEZIPELER

(Ylym. Magaryf. Din.)

"Agzybirlik" Demokratik Halk Hereketi Türkmenistanda ählumumy orta bilim hökmany bolmaly we onuñ ähli çykdajylaryny öz üstüne almak döwletiñ mukaddes borjudyr diýip, hasap edýär. Şonuñ bilen bir wagtda ol hususy mekdepleriñ we medrese derejeli okuw jaýlarynyñ açylmagyny goldaýar. "Agzybirlik" Türkmenistanda anyk ylymlar we dürli halkara dilleri boýunça çuñlaşdyrylan bilim berýän ýörite mekdepleriñ açylmagy ugrunda çalşar. "Agzybirlik" türkmen mekdeplerinde türkmeniñ ata-babadan gelýän milli edep-terbiýesiniñ ornaşdyrylmagy üçin ýadawsyz alada eder. Halk Hereketi ösüp gelýän ýaş nesle ynsanperwerlik we watançylyk terbiýesini bermegi möhüm wezipeleriñ biri hasaplaýar we şu maksat bilen orta mekdeplerde dini öwüt-ündewleriñ sapagyny fakul¾tatiw häsiýetde girizmegiñ tarapyny tutýar.

2. Türkmen ylmyny yzagalaklykdan alyp çykmak üçin "Agzybirlik" türkmen studentlerini, aspirantlaryny we beýleki ylmy derejeli adamlary dünýäniñ iñ bir ösen ýurtlaryna öz ylmy derejelerini ýokarlandyrmak üçin okuwa ibermekligi hemişelik ýola goýmagy gazanar. Türkmen ýaşlarynyñ Gündogaryñ we Günbataryñ ylmy-tehnologik taýdan ösen ýurtlarynda bilim almaklaryny üpjün edýän kanunlaryñ parlamentde kabul edilmegini tizleşdirer.

3. "Agzybirlik" türkmen mekdeplerinde we ýokary okuw jaýlarynda köne türkmen hat ýazuwynyñ öwredilmegine ýardam berer. Şonuñ bilen bir hatarda-da ol biziñ halkymyzyñ 1929-njy ýyldan tä 1940-njy ýyla çenli ulanan latyn elipbiýini türkmen diliniñ we ylmy biliminiñ ösmegi üçin häzirki ulanylýan kirill elipbiýinden has oñaýly diýip hasaplaýar we şoña gaýtadan dolanylmagyny gazanmagy öz öñünde wezipe edip goýýar.

4. "Agzybirlik" Türkmenistanda dünýewi döwlet gurluşy berkarar edilmeli diýip hasalaýar. Emma muña garamazdan, Halk Hereketi halkymyzyñ dini däp-dessurlarynyñ, baýramlarynyñ, din bilen baglanyşykly mukaddes ýerleriniñ, taryhy ýadygärlikleriniñ, öwlüýäleriñ, gadymy mazarlaryñ Kanun tarapyndan berk goragyny gazanjakdygyny wada berýär.

5. Türkmenistanda döwlet diniñ, din hem döwlet işlerine gatyşmaz. Musulman dinine uýýanlar-da, gaýry beýleki diniñ wekilleri-de öz ýagşy niýetlerini ile ýaýmaga deñ derejede mümkinçilik alarlar.

6. Uzak asyrlaryñ dowamynda we hudaýsyzlaryñ pitiwa bermegi bilen ýykylyp-ýumrulan gadymy metjit-medreseleri, guburlary dikeltmek we olary dindarlaryñ ygtyýaryna gaýdyp bermek üçin "Agzybirlik" öz deputatlarynyñ üsti bilen parlamentiñ tribunasyndan çykyş eder. Şu maksatlar üçin döwlet gaznasyndan ýörite pul serişdeleriniñ bölünip berilmegini gazanmagy hem Halk Hereketi öz borçlarynyñ biri hasaplaýar.

7. "Agzybirlik dindarlaryñ gazet, jurnal we kitaplary neşir etmek hukugyny gorar. Olaryñ öz dini parzlaryny arkaýyn berjaý etmek hukuklaryny kanunçylyk arkaly berkider.

8. "Agzybirlik" Nowruz baýramynyñ milli baýram hökmünde gaýtadan däbimize girizilmegini goldamak bilen Gurbanlygyñ hem milli baýram hökmünde dikeldilmegini we Gurbanlyk günlerinde Türkmenistanda ýaşaýan musulman halklaryny işden boşatmagy türkmen parlamentinde geñeşe goýar we onuñ kanunlaşdyrylmagyny gazanar.

9. Halk Hereketi türkmen milli medeniýetiniñ gaýtadan janlanmagy we ýokary derejelere göterilmegi üçin ähli çäreleri görjekdigini wada berýär. Bu çäreler geçmiş mirasyny goramakdan, dikeltmekden we ony halkymyza elýetereli etmekden başlanar.

# 4. SOSIAL WEZIPELER

Türkmenistanyñ "Agzybirlik" Demokratik Halk Hereketiniñ Programmasynyñ kabul edilýän döwri türkmen halkynyñ maddy hal-ýagdaýynyñ iñ bir agyrlaşan wagtyna gabat geldi. Þrt iññän çuñ syýasy we ykdysady krizisi başdan geçirýär. Türkmenistan bazar ykdysadyýetine örän amatsyz şertlerde geçmäge mejbur bolýar. Iýmit, geýim-gejim, gündelik sarp edilýän harytlaryñ ýetmezçiligi gün-günden ýiti duýulýar. Bu geçiş döwründe halkymyzyñ başyndan inen köptaraplaýyn kynçylyklary ýeñilleşdirmek üçin aşakdaky sosial çäreleriñ amala aşyrylmagyny "Agzybirlik" hökmany hasaplaýar.

1. Döwlet bujetinden aýlyk alýan işgärleriñ aýlyk hakyny iýmitiñ we gündelik sarp edilýän beýleki zerur önümleriñ bazar bahasynyñ ýokarlanyşyna görä yzygiderli artdyrmaly.
2. Ähli beýleki gazanç kategoriýalaryna degişli işgärleriñ aýlyk hakynyñ ýokary çägini kesgitlemegi ýatyrmaly.
3. Mülk ýerini edinmäge isleg bildiren Türkmenistanyñ her bir grajdanyna ýer-suw bölüp bermegi çaltlandyrmaly. Bu hojalyklara tohumlyk däne, çigit we ýer işläp bejermek üçin tehnika edinmek üçin gerekli karz pul goýbermek baradky kanunlary Türkmenistanyñ parlamentiniñ kabul etmegini tizleşdirmeli. Bu kanunlary öñümizdäki ýaz ekişinden has öñ güýje girizmeli.
4. Halka zerur senagat önümleriniñ öndürilişini artdyrmak üçin senagat kärhanalarynyñ, zavod-fabrikleriñ hususylaşdyrylmagyny tizleşdirmeli.
5. Çaga iýmitleriniñ bahasynyñ galmazlygyny gazanmaly. Çaga iýmitlerini we beýleki harytlaryny öndürýän kärhanalary döwlet salgytlaryndan boşatmaly we gerek bolsa, olara döwlet maliýe kömegini bermeli.
6. Köpçagaly maşgalalara tiz wagtda goşmaça pul kömegini, arzan bahadan azyk, geýim-gejim kömegini bermegi ýola goýmaly.
7. Garrylaryñ, işe ýarawsyzlaryñ we köpçagaly maşgalalaryñ alýan pensiýalarynyñ we kömek pullarynyñ möçberiniñ bazar nyrhlarynyñ derejesine görä ýokarlandyrylmagyny üpjün etmeli.
8. Ýaş çatynjalaryñ ykdysady garaşsyzlygyny üpjün etmek üçin döwlet olara karz pul kömegini bermeli.

9. Studentler we orta bilim berýän okuw jaýlarynyñ okuwçylary üçin döwletiñ hasabyna arzan bahadan we ýokary hilli iýmit ojaklaryny, kafeleri saklamaly.
10. Türkmenistanyñ şäherlerinde we raýon merkezlerinde ilatyñ iñ garyp düşen gatlaklary, maýyp-müjrüpler, hossarsyz we ýetirinip bilmeýän garry-gurtular üçin ýörite mugt nahar berilýän naharhanalary açmaly. Olarda mätäçleri günde bir wagtyna gyzgyn nahar bilen naharlamaly.
11. Dermanhanalarda we kesel bejeriş edaralarynda däri-dermenlaryñ ýeterlik we olaryñ bahasynyñ her bir türkmenistanly maşgala üçin elýeterli bolmagyny hökmany suratda üpjün etmeli.

Bazar ykdysadyýetine geçiş döwründe günsaýyn ýokarlanýan nyrhlar ilatyñ giñ gatlaklarynyñ üstüne köpçülikleýin tozgunlaşmak howpuny salýar. Şoña görä, bu real howpuñ öñüni alyp biljek anyk döwlet sosial programmasynyñ işlenip düzülmegi we onuñ Türkmenistanyñ parlamentinde iñ bir ýakyn wagtda tassyklanmagy gaýragoýulmasyz işdir. Halk Hereketi hökmünde bu çäreleriñ tizden-tiz durmuşa geçirilmegine özüniñ ýolbaşçylyk etjekdigini "Agzybirlik" aýratyn belleýär. Häzirki ýaly kynçylykly döwürde ilatyñ giñ gatlaklarynyñ sosial, ykdysady we syýasy hukuklaryny mümkin bolan ähli Konstitusion ýollar bilen goramagy Türkmenistanyñ "Agzybirlik" Demokratik Halk Hereketi özüniñ birinji derejeli borjy hasaplaýar we berk kanunçylygyñ, adalatyñ, ynsanperwer syýasatyñ goragynda durjakdygyny Türkmenistanyñ halkyna dabaraly wada berýär.

## "AGZYBIRLIK" DEMOKRATIK HALK HEREKETINIÑ DÜZGÜNNAMASY

Türkmen halkynyñ we ähli türkmenistanlylaryñ öz erkine, hukugyna, maddy, medeni we tebigy baýlyklaryna eýe bolmagy üçin bize özünde köpçüligiñ bähbitlerini araýan güýçleri jemleýän Demokratik Halk Hereketi gerek. "Agzybirlik" şeýle guramadyr. Halkyñ syýasy, ruhy we ykdysady galkynyşy netijesinde özbaşdak, Garaşsyz Demokratik Türkmenistany esaslandyrmak "Agzybirlik" Halk Hereketiniñ öz öñünde goýýan baş maksadydyr.

# 1. UMUMY DÜZGÜNLER

1.1. "Agzybirlik" öz işini Türkmenistanyñ Konstitusiýasynyñ we beýleki degişli kanunlarynyñ esasynda we ýurtda kabul edilen Halkara dokumentleriniñ çäklerinde gurnaýar.

1.2. "Agzybirlik" ýurduñ içindäki we daşarky syýasy Hereketler, partiýalar, jemgyýetçilik guramalary bilen gatnaşyklary garaşsyzylyk, deñlik we birek-biregiñ içki işlerine gatyşmazlyk şertlerinde guraýar.

1.3. "Agzybirlik" islendik meseläniñ syýasy çözgüdiniñ gözlenilmeginiñ tarapyndadyr we zorlugy, eden-ýtdiligi, şonuñ ýaly-da halkyñ erk-isleginiñ garşysyna goşun güýçleriniñ ulanylmagyny büs-bütin inkär edýär.

1.4. "Agzybirlik" döwürleýin guramadyr. Ol Türkmenistanda totalitar döwlet gurluşyny parahat ýol bilen syndyryp, onuñ deregine Demokratiýa esaslanýan döwlet gurluşyny dabaralandyrmagy niýet edinýär we bu ugurda halkyñ syýasy galkynyşyna bil baglamakçydygyny açyk yglan edýär.

1.5. "Agzybirlik" respublikada erkin we azat syýasy bäsdeşligiñ döremegi, syýasy partiýalaryñ, hereketleriñ, jemgyýetçilik guramalarynyñ işiniñ ösmegi we ýaýbañlanmagy üçin elinden gelenini eder.

# 2. "AGZYBIRLIGIÑ" MAKSADY WE WEZIPELERI

2.1. Kanun çykaryjy, Ýerine ýetiriji we Sud häkimiýetlerine bölünen hem-de köppartiýalylyga esaslanan parlamentli hukuk döwletini esaslandyrmak;

2.2. Konstitusion ýollar bilen respublikanyñ syýasy we ykdysady garaşsyzlygyny gazanmak;

2.3. Şahsyýet azatlygy, erkin ykdysady gatnaşyklar, eýeçiligiñ ähli görnüşlerine daýanýan azat ykdysady gatnaşyklar esasynda Türkmenistanyñ ykdysadyýetini ösdürmek;

2.4. Türkmenistanyñ ykdysadyýetini bütindünýä hojalyk aragatnaşyklarynyñ sanyna goşmak;

2.5. Ilatyñ sosial üpjünçiligini kepillendirýän programmany işläp düzmek we ony hökmany döwlet kanunyna öwürmek.

## 3. "AGZYBIRLIGIÑ" IŞINIÑ ESASY UGURLARY

3.1. Jemgyýetde syýasy işleri alyp barmak, saýlawlara gatnaşmak we öz wekilleriniñ üsti bilen Sowetleriñ ähli basgançaklarynda döwleti dolandyrmaga gatnaşmak;

3.2. Syýasy, ykdysady, sosial, ekologiki we beýleki ýörite programmalary işläp düzmek we olary durmuşa ornaşdyrmak ugrunda hereket etmek;

3.3. Hojalyk, maliýe we metbugat işleri;

3.4. Gaýry syýasy hereketler, partiýalar we jemgyýetçilik guramalar bilen hyzmatdaşlyk;

3.5. "Agzybirligiñ" ideýalary, maksatlary we wezipeleri bilen köpçüligi tanyş etmek.

## "AGZYBIRLIK" DEMOKRATIK HALK HEREKETINE AGZALYK

4.1. Programmasyny we Düzgünamasyny goldap, milletine, dinine, jynsyna, hünärine garamazdan, kämillik ýaşyna ýeten her bir adam "Agzybirligiñ" agzasy bolup biler.

4.2. "Agzybirligiñ" agzalygyna kabul etmek Halk Hereketiniñ ilkinji ýerli guramasy tarapyndan agza boljagyñ meýletin islegi esasynda amala aşyrylýar.

4.4. "Agzybirligiñ" agzalarynyñ hukuklary:

– "Agzybirligiñ" syýasatyny we iş ugurlaryny kesgitlemäge gatnaşmaga, islendik mesele boýunça teklipler etmäge;

– "Agzybirligiñ" hereketi bilen tanyşmak üçin islendik informasiýany talap etmäge;

– "Agzybirligiñ" islendik organyna kandidatlary teklip etmäge ýa-da teklip edilmäge;

– "Agzybirligiñ" islendik organy we agzasy barada öz pikirini açyk aýtmaga;

– "Azgzybirligiñ" bir ilkinji guramasyndan başga bir ilkinji guramasyna geçmäge ýa-da täze bir ilkinji guramasyny döretmäge;

– döwlet we jemgyýetçilik organlary tarapyndan bikanun yzarlanylanda, "Azybirlikden" maddy kömegi we ýuridiki goragy almaga hukugy bardyr.

4.5. "Agzybirligiñ" agzalarynyñ borçlary:

– haýsy hem bolsa ilkinji guramalaryñ biriniñ sanynda durmaga;

– çlenlik wznoslaryny tölemäge;

– "Azybirligiñ" Programmasyny we guramaçylyk prinsiplerini ykrar etmäge;

– "Agzybirligi" goldamaga, onuñ onuñ ideýalarynyñ ýaýramagyna ýardam bermäge borçludyr.

4.6. "Agzybirligiñ" agzalygynyñ togtadylmagy:

– "Agzybirligiñ" agzasy bu guramadan islän wagty çykyp biler.

– öz hereketi bilen "Agzybirlige" syýasy we maddy zyýan ýetiren islendik agza Halk Hereketinden çykarylyp bilner. Bu çäre agzanyñ hasaba alnan ilkinji ýerli guramasynda geçirilýär.

Agzalykdan çykarylanyñ, özüni ýazyksyz saýmaga ýeterlik delilleri bolan ýagdaýynda, Halk Hereketiniñ ýokary guramalaryna arza bilen ýüz tutmaga doly hukugy bardyr.

## 5. "AGZYBIRLIGIÑ" GURAMAÇYLYK ESASLARY WE IŞI

5.1. "Agzybirligiñ" işi territorial prinsipde gurnalýar. Halk Hereketiniñ ilkinji ýerli guramalary "Agzybirligiñ" esasydyr.

5.2. "Agzybirligiñ" içki durmuşynda demokratiýanyñ aşakdaky prinsipleri ýerine ýetirilmelidir:

– "Agzybirligiñ" dolandyryjy basgançaklarynyñ hemmesi aşakdan ýokary saýlanylýar.

– saýlawlar göni, alöternatiw esasda, platformalar boýunça gizlin ses bermek bilen geçirilýär;

– kandidat görkezmek ýa-da öz-özüñi kandidat görkezmek bolýar.

5.3. Pikiri köpçüligiñkä çapraz gelip, azlykda galan agzalar demokratik usulda kabul edilen kararlary sylamaly we olara boýun bolmaly. Kabul edilen kararlaryñ ýerine ýetirilmegini bökdemän, olar öz aýratyn pikirlerini goramaga haklydyrlar we, zerur saýsalar, gelnen karary tankytlap bilerler. Ýöne olaryñ öz aýratyn pikirlerini "Agzybirligiñ" adyndan ýaýratmaga hukuklary ýokdur.

Azlykda galan agzalar öz fraksiýalaryny we toparlaryny gurnap bilerler. Olar jedelli meseleleriñ ýygnaklarda, gurultaýlarda we metbugatda gaýtadan geñeşilmegini talap etmäge haklydyrlar.

5.4. Ýygnak ilkinji guramanyñ ýokary organydyr. Gündeki işleri alyp barmak üçin ilkinji guramanyñ başlygy saýlanylýar.

5.5. Ilkinji guramanyñ hukuklary:

– ilkinji guramanyñ agzalygyna kabul etmek we agzalykdan çykarmak;

– öz strukturasyny özbaşdak düzüp bilmek;

– "Agzybirligiñ" merkezi býujetine geçirilmeli pullardan galanyny özbaşdak ulanmak;

– özbaşdak informasiýa serişdesini edinmek we neşirýat işini ýöretmek;

– halk deputatlygyna kandidat görkezmek we kandidaty goldamak;

– guramaçylyk esaslaryna we işleýiş prinsiplerine laýyk gelýän dürli işleri ýerine ýetirmek.

5.6. Ilkinji guramalar administratiw-territorial birligiñ çäginde degişli koordinirleýji organlary gurnaýarlar we olaryñ wezipelerini hem strukturalaryny kesgitleýärler.

# 6. "AGZYBIRLIGIÑ" MERKEZI GURAMALARY

6.2. "Agzybirligiñ" hereket edýän organlary gurultaýda saýlanylýar.

6.3. Gurultaýlaryñ aralygynda "Agzybirligiñ" ýerine ýetiriji we koordinirleýji organy bolup Mejlis hyzmat edýär.

Mejlisiñ başlygy we agzalary öz hukuklarynyñ çäginde "Agzybirlige" wekilçilik edip bilerler.

## 7. "AGZYBIRLIK" WE HALK DEPUTATLARYNYÑ SAÝLAWY

7.1. "Agzybirlikden" deputatlyga kandidatlaryñ merkezi spisogyny saýlaw kampaniýasyny maliýeleşdirmek boýunça gurultaý tassyklaýar. Deputatlyga kandidatlar merkezi spisoga "Agzybirligiñ" ýerli guramalarynyñ ýerli okrug saýlaw konferensiýasynyñ teklipleri esasynda girizilýär.

7.2. "Agzybirligiñ" Prawleniýesi ýerli okrug saýlaw konferensiýalarynyñ garamagyna deputatlyga kandidat hökmünde kandidaturalary hödürläp biler.

7.3. Ýerli guramalardan hödürlenen, ýöne merkezi spisoga girip bilmedikler saýlawlara garaşsyz kandidat hökmünde gatnaşyp bilerler.

7.4. "Agzybirligiñ" agzasy blmadyklar hem Halk Hereketinden deputatlyga kandidat görkezilip bilnerler.

7.5. Saýlawa "Agzybirlik" beýleki syýasy partiýalar, hereketler we jemgyýetçilik guramalary bilen bileleşip gatnaşyp-da biler.

7.6. "Agzybirligiñ" agzalary Sowetlerde Halk Hereketiniñ fraksiýalaryny döredýärler. Ýöne ol deputatlar Sowetlerdäki işlerinde Halk Hereketiniñ Mejlisinden garaşsyzdyrlar we diñe parlament fraksiýasynyñ kararyna boýun egýärler.

7.7. "Agzybirligiñ" parlament fraksiýasynyñ işini koordinirlemek üçin "Agzybirligiñ" Mejlisi bilen deputatlaryñ bilelikdäki maslahaty geçirilýär. Bu maslahat taraplaryñ haýsy-da bolsa biriniñ talaby boýunça geçirilip bilner.

## 8. "AGZYBIRLIGIÑ" WE ONUÑ GURAMALARYNYÑ HUKUK STATUSY

8.1. "Agzybirlik" özüniñ ilkinji guramalaryndan başlap tutuşlaýyn "Agzybirlik" Demokratik Halk Hereketi hökmünde jemgyýetçilik guramlaryna kanun esasynda berilýän hukuklardan peýdalanýar. Onuñ öz hususy emlägi bolup biler.

8.2. "Agzybirlik" öz Düzgünnamasyna laýyklykda iş geçirmek üçin öz neşirýatyny we dürli ugurlar boýunça işleýän kärhanalaryny gurup biler.

8.3. "Agzybirlik" Halk Hereketiniñ öz nyşany, möhüri we dokumentler üçin blanky bardyr.

# 9. "AGZYBIRLIGIÑ" PUL WE EMLÄK BAÝLYKLARY

9.1. "Agzybirligiñ" pul serişdleri agzalyk wznoslardan, "Agzybirligiñ" neşirýatynyñ, kärhanalarynyñ girdejilerinden bölünýän serişdelerden emele gelýär. "Agzybirligiñ" bujeti her ýyl öz neşirýatynda çap ediler.

9.2. Ilkinji guramalar merkezi bujete agzalyk wznoslarynyñ azyndan on prosentini geçirýärler. "Agzybirligiñ" bujeti ilkinji we territorial guramalarynyñ bujeti esasynda aşakdan ýokaryk emele gelýär.

9.3. "Agzybirligiñ" ýerli guramalary mätäçlik çekýän agzalaryna maddy kömek berip bilerler.

9.4. "Agzybirligiñ" agzasy aýda bir gezek agzalyk wznosyny töleýär. Wznosyñ möçberini gurultaý kesgitleýär.

9.5. "Agzybirligiñ" maliýe işlerini "Agzybirligiñ" barlag komissiýalary barlaýarlar.

## 10. "AGZYBIRLIGIÑ" ÖZ IŞINI BES ETMEGINIÑ DÜZGÜNI

10.1. "Agzybirlik" Demokratik Halk Hereketiniñ öz işini bes etmegine bu mesele boýunça ýörite çagyrylan Gurultaýda garalýar. Gurultaýyñ delegatlarynyñ azyndan üçden ikisi onuñ işiniñ bes edilmegini goldap ses beren ýagdaýynda, gelnen karara laýyklykda Halk Hereketi öz işini bütinleý ýa-da wagtlaýyn bes edip biler.

10.2. "Agzybirlik" öz işini tamamalansoñ, onuñ pul serişdeleri we material gymmatlyklary Halk Hereketiniñ iñ soñky Gurultaýynda kabul edilen Wesýetnama görä terekä salynýar.